# Imperializmiñ masgaraçylykly sahnasy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Imperializmiñ masgaraçylykly sahnasy IMPERIALIZMIÑ MASGARAÇYLYKLY SAHNASY!..

*Oýlamañ siz,*
*Kenara urulanlar*
*Gark bolan gäminiñ paty-putusy*
*Oljasy däl olar,*
*Adam balasy!*
*Medeniýetiñ gelip ýeten utanjy.*
*Gynanma sen, günäsizje çagajyk*
*Adamzat unutmaz hiç haçan seniñ*
*Başyñdan geçiren hasratlaryñy…*

Señ isleýşiñ ýaly däldir bu dünýä,
Synlamak neneñsi gorkuly düýşdür.
Neresse çagalañ ençe-ençesi
Geçir dyrnaklarñy,
Dişiñ bilen goparyp zyñ gapdala
Seni gurşap alan demir torlary
Özüñe ýol arça!..

Ýene janyñ örtenmänkä, ýanmanka,
Çümsene çuñlugy gulaç-gulaçlap.
Çümübilşiñçe çüm!
Deñizler ýurdunyñ sessiz-sedasyz
Goltugynda hezil edip dynjyñ al…

Düşek bolsun saña ýumşajyk gumlar,
Köpükli tolkunlar sallançagyñdyr.
Saña süýji düýşler, şirin ukular
Suwotlary sypasyn señ teniñi
Degirmesin kimse saña elini…

Balyklar ogşasyn gül ýaňagyňdan
Injiler bezesin saçyň taryny.
Sylmasyn harasat, joşgunly gaýlar,
Ýüreklere tegmil goýan yzyňy…

Şemal sesi hoş ýaksa-da, uzakdan
Gözüňi, gulagyňy aç dört tarapa
Näçe mazlum çaga näçe duzakdan
Näçe rehim-şepagatsyz dünýäden
Näçe…

★★★

Gadyrly okyjylarym!
Inji Germenlileriň goşgy setirleri wyždanlara ok bolip çümýär.
Çünki çagalar aglaýar, çagalar ölýär, çagalar…
Neresse, biri-birinden owadan, naşyja, betbagt, ak kagyz ýaly arassa we bigünä çagalar…
Emma duruň!
Kenara gelip urulan olaryň diňe jansyz bedenleri däldir…
Üns berip seredenler, ýitip giden adamkärçiligi görerler kenarlarda duran!..
Bu neresse çagajyklardan birini yzyna dolap bilermi heý, imperializmiň guýrugyna daňylan gorkunç hasaplar?..

Ugur DÜNDAR.

05.03.2020 ý, «Sözcü» gazeti.

Terjime eden: Guwanç MÄMILIÝEW,
Stambul uniwersitetiniň talyby. Goşgular